# Erdoganyñ oýunçylygy

Category: Kitapcy,Nukdaýnazar,Publisistika
написано kitapcy | 23 января, 2025
Erdoganyñ oýunçylygy ERDOGANYÑ OÝUNÇYLYGY




Günbatary tankytlamaly bolsa hezil edýäris.
Günbatara dodak çöwürýäris.
Günbataryñ bize duşmançylyk besleýändigini aýdýarys.
Emma, muña garamazdan:
“Günbatar bizi öwsün”, “Günbatar bize baýrak bersin” diýip, gözümizi dikip garaşýarys!
Tramp «Fox News» teleýaýlymynda şeýle diýdi:
“ – Erdogan dünýä derejesindäki ussat sadranç oýunçysy!”
Häkimiýete ýakyn habar beriş serişdeleri Trampyñ bu sözüniñ üstünde «toý toýladylar», habary süýjedip-süýjedip dillerinden hiç düşüresleri gelmedi.
Bäý-bää, Trampyñ öwgüsine şeýlekin suwsaýşymyzy!
Ýeri… Erdogan ussat sadranç (küşt) oýunçysymy?
Sadranç anyk netijä gidip, «şany» mat edýän – ýagny ýeñýän oýun. Munuñ manysy şeýle: Ussatlarça urgular urup, «garşydaş şanyñ» howp astynda bolmadyk bir burça yza tesmeginiñ öñüne bent bolmak, ony başga urgulary urmaz ýaly ýagdaýa getirmek. Bu bolsa diñe garşydaşyñ beýleki daşlaryny alyp, ony güýçsüz goýmak arkaly mümkin…
Erdogan dünýäde haýsy «şany» mat etdi?
Erdogan dünýäde haýsy “şany” gymyldap bilmez hala getirdi?
Erdoganyñ daşary syýasatyny üstünlikli hasap edip bolarmy?
Bilşimiz ýaly, Günbatar hemişe diýen ýaly pöwhe sözli öwgüleri öñe tutup, basybalyjylykly syýasat ýöredip geldi. Ýogsam bolmasa, bize lazym bolan maksatlaýyn satira aslynda! Günbataram gowy bilýär: biz Gündogar jemgyýeti – tankyt edene duşmançylyk besläp, öwgi ýagdyrana «boýnumyzy» uzadýarys.

Tramp tilki deý mekir.
Netijede: Erdogany ussat sadranç oýunçysydyr öýdemok. Emma… Eýse soňky birküç ýyllykda oýnuň abyny-tabyny ele almaga başladymy? Kimdir bir oýunçy şujagaz gysga möhletde «dünýä derejesindäki sadranç oýunçysy» bolup bilermikä?
Erdogan aslynda nämäniň oýunçysy bolup biler?

## ■ KISSINJERIŇ GARAÝŞY

Mümkinçilik tapdygymdan gazetiň özüme beren paýynda Hytaýyň kyrk ýylda nädip dünýä läheňi bolandygy barada ýazgylar bilen çykyş edýärin.
Trapmyň Erdogan baradaky ýerliksiz öwgüsi dünýäde giňden tanalýan syýasatçy Genri Kissinjeri ýadyma saldy…
«Gizlinlikde saýlananlar» (“Saklı Seçilmişler”) we «Gara gapyrjak» (“Kara Kutu”) kitaplarymda zol-zol agzalan, geçen asyryň başynda Hytaýy ýalmap-ýuwutmagy meýilleşdiren Rokfelleriň ýetişdiren «uçurymy» Kissinjeriň ýazan «Hytaý» kitabyny tankydy nukdaýnazar bilen okadym. Emma… Kissinjeriň segsen sekiz ýaşynda ýazyp, 2011-nji ýylda çap etdiren kitabyny elimden düşürmedim…
Gündogar-Günbatar sintezini Hytaýyň geçen taryhy ýolunyň içinde obýektiw nukdaýnazar bilen ýazylan kitap.
Kissinjer propoganda ýöredýän syýasatçy däl, hamala häzirem Garward uniwersitetinde okadýan obýektiw synçy we hakykatlar bilen ýüzleşip bilýän derňewçi garşyma dikilen ýalydy. Içimden «Mbähh, Kissinjer bolmagam aňsat däl-ow!» diýenimi duýman galdym.
Gozgaýan meselämize degişli onuň beren kesgitlemelerinden mysal getirip geçeliň:

*«Hytaýlylar Günbataryň strategiýasyndan we diplomatiýasyndan düýpgöter tapawutly strategik doktrinany ýöredip geldiler. Taryhyň çarkandakly ýollary hytaýly liderlere her meseläniň bir çözgüdiniň bolmaýandygyny we belli-belli wakalaryň üstünden absolýut üstünlige ýetmegiň bütindünýä sazlaşygyny çepbe çöwrüp taşlap biljekdigini öwredipdi…»*

«Hytaýly döwlet ýolbaşçylary «ýa hemmesi, ýa hiç biri» diýip,

bir düşünişmezligiñ netijesini juda seýrek ýagdaýda howp astyna aldylar. Bir ýyldan gowrak dowam edýän inçelik bilen hasaplanan manýowrlar olaryñ terzlerine has laýykdy.»

«Günbatar tradisiýasy gahrymançylyk ukyplaryny öñe çykaryp, anyk netijä alyp barýan çaknyşyklary mazamlaýan bolsa, hytaý idealynda proporsional artykmaçlyk gazanmak üçin mazaly oýlanyp-ölçerilen, yzygiderli we sabyr-takatly ýol saýlanyp alnan…»

Kissinjer bu ýagdaýy hytaýlylaryñ paýhas oýny bolan go (wei gi) oýnuny mysal getirmek arkaly düşündirýär…
Özem bu oýun Günbatarda «korollyk oýnuna» öwrülen, rysarlaryñ ýigidiñ ýedi gaýratyndan saýylan sadranç oýnundan tapawutludyr…

## ■ ERDOGAN HAÝSYSY?

Sadranç sözi Trampyñ dilinden känbir düşýän söz däl, köp çykyşynda sadranç oýny barada aýdýar! Oýna düşünýärmi-düşünenokmy, bilemok welin, küşt tagtasynyñ öñünde zol-zol çagalar bilen surata düşýär…
Kissinjer oýnuñ tilsimlerini gowy bilýän bolmaly:

*«Sadranja «anyk netijä alyp barýan tutluşyk» diýmeli bolsa, go oýny üçin «süýrenjeñli hereket» diýip bileris. Küştçi absolýyt ýeñişe ymtylýar. Go oýunçysy bolsa utgaşykly artykmaçlyk gazanmagyñ ugrundadyr…”*

«Ussat küştçi birtopar «ýekme-ýek» garpyşyklar bilen garşydaşynyñ çöplerini hatardan çykarmaga synanyşýan bolsa, ezber go oýunçysy garşydaş çöpleriñ strategik güýjüni tapgyrlaýyn azaldýar…»

«Sadranç ünsüñi diñe bir zada gönükdirmegi öwredýär, go oýny strategik ýazylganlyga äkidýär…»

Kissinjer Hytaýyñ dünýä režimine bolan çemeleşmesini go oýnuna meñzedýär. Hytaýyñ häsiýetleýin tapawutlylygyny uruş

sungatynyň iki ussady günbatarly Karl fon Klauzewis bilen hytaýly Sun-Szyny deňeşdirme arkaly açyp görkezýär.
Sun-Szynyň pikiriçe, üstünlik diňe ýaragly güýçleriň gazanan ýeňşinden ybarat däl: *«Gutarnykly üstünlik ähli çaknyşyklarda üstün çykmakda däl-de, duşmany söweşmezden gymyldamaz ýaly güne salmakdadyr. Urşuň iň ýokary görnüşi gönüden-göni duşmanyň strategiýasyna hüjüm etmekdir…»*

Ýeri, siziň pikiriňiz nähili?
Erdogan ussat sadranç oýunçysymy?
Erdogan ussat go oýunçysymy?
Ýa bolmasa, şansa bil baglaýan kart oýunçysymy?

Soner ÝALÇYN.

«SÖZCÜ» gazeti, 19.08.2020 ý.

Terjime eden: Guwanç MÄMILIÝEW. Publisistika